# Ýoklugyňda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýoklugyňda ÝOKLUGYŇDA

Öwrenişdim…
Özge çäre ýok ahyr…!
Gutarmajak sensiz günleň geňligne
Gitmäkäňem,
gideňsoňam bildim men,
Senden özgäň duýgularnyň delligne.

Günlerimiň tagamyny ýitirdim
Günlerimiň bardygy-da gyzyksyz.
Ýüregimiň derwezesi zynjyrly,
Duýgularym butnaman dur – gazyksyz.

Barlygyňda gözellikdi – bu barlyk,
Barlygyňda bilbil boldy serçeler
Menden güýçli söýjek bolar – ençe ýar,
Emma meni söýjek bolmaz senҫeler.

Günler geçer gamyşgulak bedew deý,
Ýyllar geçer öz hökmüni sürüpler…
Ykbalymdan ömürbaky razy men,
Ýaryň tapsaň, bagtly etse söýüpler…

Ylham GURBANALYÝEW.

2022.10 Goşgular